# Türkmenistandaky BMG-nyň Ösüş Maksatnamasy (BMGÖM) Geljekki başarnyklar akademiýasynyň ikinji toparyny işe girizýär we ýaşlara geljege zerur hünärleri ele almaga mümkinçilik berýär

Türkmenistandaky BMGÖM, BMGÖM Bilim Taslamasy bilen hyzmatdaşlykda, ýokary hilli onlaýn kurslara we degişli hünärleri ösdürmek arkaly Türkmenistanda ýaşlaryň iş we kär mümkinçiliklerini ýokarlandyrmaga gönükdirilen “Geljekki başarnyklar akademiýasy” atly ikinji toparyň döredilendigini habar berýär.

Bu başlangyç, Ýaponiýanyň hökümeti tarapyndan maliýeleşdirilýän we BMGÖM tarapyndan Türkmenistanyň zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi bilen hyzmatdaşlykda “Merkezi Aziýada zorlukly ekstremizmiň öňüni almak üçin durnukly jemgyýetleri öňe sürmek” sebit taslamasynyň bir bölegi.

1000-den gowrak ýaşlary we zenanlary taýýarlan “Future Skills4All” maksatnamasynyň ilkinji toparynyň üstünligine esaslanyp, başlangyjyň täze tapgyry işe ukyplylygy, durnuklylygy we jemgyýetiň durmuşyna işjeň gatnaşmagy goldaýan esasy başarnyklary ösdürmegi maksat edinýär.

Biz sizi çagyrýarys:

1. Eger siz talaplara laýyk gelýän bolsaňyz we gyzyklanýan bolsaňyz, maksatnama üçin ýüz tutuň.
2. Hasaba alyş baglanyşygyny diňleýjileriňiz – ýaşlar, mugallymlar, raýat jemgyýeti we ondan peýdalanyp biljekler bilen paýlaşyň.

[Şu ýerde hasaba alyň ]

Maksatnamanyň esasy pursatlary:

• Ugur saýlaň: Köptaraplaýyn başarnyklar, telekeçilik ukyplary ýa-da tehniki başarnyklar

• Okuw temalary: Aragatnaşyk, Biznes meýilnamalaşdyryş, Sanly sowatlylyk, programmirlemek

• Görnüşi: Coursera boýunça onlaýn kurslar

• Goldaw: Okuwyň dowamynda ýolbaşçylyk we görkezme

Bu hünär ussatlygyny ösdürmek we kämilleşdiriş maksatnamasyna gatnaşmak üçin ýüz tutanlar Türkmenistanyň raýatlary ýa-da ýurtda hemişelik ýaşamak üçin ygtyýarnamasy bolan hemişelik ýaşaýan raýatlygy bolmadyk adamlar bolmaly.

Şeýle hem, gatnaşyjynyň hakyky gyzyklanmany we okuwy doly yhlas we jogapkärçilik bilen

Все права защищены

tamamlamaga ygrarlydygyny görkezmegi möhümdir. Geljekdäki hünärler üçin zerur endikleri gazanmak mümkinçiligini elden gidirmäň!

Все права защищены